Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzda ylym-bilim ulgamyny kämilleşdirmek ugrunda giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan asylly başlangyçlary üstünlikli dowam etdirilýär, bilim syýasaty bilen bagly maksatnamalar we konsepsiýalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Bilim ulgamynda okatmagyň usulyýetleri döwrebaplaşdyrylýar, innowasion çemeleşmeler we sanly bilim tehnologiýalary giňden ornaşdyrylýar. Okuw dersleri boýunça elektron okuw toplumlary, interaktiw-multimediýa programmalary, maglumat kitapçalary hem-de bilim portallary döredilýär. Bu özgertmeler ýaş nesliň giň dünýägaraýyşly, watansöýüji, zähmetsöýer, hem-de sanly tehnologiýalardan oňat baş çykarýan hünärmenler hökmünde kemala gelmegine ýardam berýär.

Arkadagly zamanada, arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdumyzda, halkymyza ýagty geljegi we bagtyýar durmuşy peşgeş berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, ýurt bähbitli tutumly işleri hemişe rowaç bolsun!

**Leýla AKJAÝEWA**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 29.01.2026